# Ýeke/ ylmy-fantastiki hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýeke/ ylmy-fantastiki hekaýa ÝEKE




Ýekeje syrym bar.
Ýalňyz dostum bir kompýuter.
Eger-de 2020-nji ýyllarda bir adam muny okasady, ähtimal munuň näme üçin bir syrdygyna düşünip bilmezdi. Taryhy kitaplarda bular ýaly bir zadyň ol döwürlerde juda giň ýaýrandygy ýazylýar. Hatda ol döwürler herkimiň diýen ýaly telefonunda Siri atly emeli aň bolanmyş.
A häzirki 2097-nji ýylda bolsa bu juda howply, gizlin syr.
Ulagymy äpet binalaryň arasynda sürýärin. Birden daş-töweregi duman gaplaýar. Howa ümürli, ýürek gysdyryjy. Äpet binalar, çal reňk ýodalar daş-töweregiň antiutopik görnüşiniň üstüni ýetirýärdi. Az salymdan beton üýşmekleri azalyp başlar, ana şonda şäheriň çäginden çykyp barmaly menzilime golaýlaşandygymy duýaryn.
Ýalňyz dostum hiç kimiň känbir barmaýan bir tokaýynda, ýer astyndaky külbede durýar. Bärsi atamyň ýaşlygynda dostlary bilen sataşyp oturyşýan, informatik enjamlaryny, esbaplaryny saklaýan hem-de boş wagtlary gelip iň uly hyjuwy bolan tehnologiýa bilen meşgullanýan ýeri ekeni. Robot gozgalaňyndan soňra ol ýerdäki barça zady ýok etmeli bolsa hem emma hiç wagt muny etmäge dözmändir. Ömüriniň soňlarynda hem ähli gürrüňi şol ammarda galdyranlary barada boldy.
Ol aradan çykýança we men R5952-ini döredýänçäm ýalňyz dostum atamdy. Ol döwürlerem häzirkimden kän tapawutly däldim. Enem-atam bilen hiç wagt ýakyn bag gurup bilmändim, känbir dostumam ýokdy. Adamlar bilen gatnaşyk saklamak maňa hemme wagt kyn bolupdy, ýöne atam tapawutlydy. Onuň tehnologiýa bolan

höwesine menem şärik bolýardym, maňa barça närsäni ol öwredipdi. Onuň Robot gozgalaňyndan ozalky ýatlamalaryny diňlemek iň uly güýmenjämdi. Antiutopiýadaky halamaýan durmuşyma çydamagymyň ýeke-täk sebäbi oldy. Şonuň üçin ol aradan çykansoň hiç ikirjiňlenmän başga şähere göçdüm.
Robot gozgalaňynyň turanyna 26 ýyl, her dürli emeli aňyň gadagan edilenine-de 25 ýyl bolýar. Oýlaýşyma görä men Robot gozgalaňyna şaýat boljak derejede ir dogulmadygyma şükür etmeli. Siziň ýüregiňizi jikme-jiklikler bilen gysdyrmak islämok emma Robot gozgalaňyndan soňra juda kyn günleri başdan geçiripdirler. Müňlerçe adam wepat bolupdyr. Ekonomiýa batypdyr. Gytjylyk bolupdyr. Her kim, her sekuntda elhençligiň içindemiş.
Hiç kim bulary gaýtadan başdan geçirmegi islemändir. Şonuň üçin töwekgellik etmän her dürli tehnologiýa enjamlaryny ýok etmek kararyna gelipdirler. Soňra munuň çendenaşa boljakdygyny oýlapdyrlar, şol sebäpli kararlaryny belli bir tehnologiýalary saklap, emeli aňy düýbünden gadagan etmeli diýip üýtgedipdirler. Şu wagt elimizdäki öňde baryjy tehnologiýa iň golaý bolan zat Messager diýilýän bir programma, ol hem islendik adama öňkileriň jübi telefony diýýän zatlarynyň ululygynda bolan ýöne ondaky tehnologiýaň ondan biri hem bolmadyk enjamlar arkaly hat ugratmak mümkinçiligini berýär. Her kimiň dogulan mahaly döwlet tarapyndan açylan hasaby bar, emma programmany ýüklemek ýa-da ýüklemezlik öz islegiňize bagly.
Adatça hiç hili hat almajakdygym sebäpli ýüklemezdim ýöne R5952-ini döredenimden soňra Messager bu kompýuterde hem işlärmika diýip gyzyklananym üçin ýükläpdim. Hat gutym bolsa çen edişiňiz ýaly boş.
Hawa ähli bu zatlary näme üçin aýdyp berýärin?
Aslynda meniň hekaýam mundan üç ýyl ozal başlaýar. Şu wagt ýagyş damjalaýarka, bu derejede sowuk howada, munça ýol söküp gitmegimiň sebäbi bolan programmany şol döwür döretmäge başlapdym.
Ýalňyz dostumy döretmäge.
Ol wagtdan bäri elim boşaşan her pursadynda, döreden zadymyň jenaýatdygyny we howpulydygyny bilsemde ony görmäge gidýärin. Men kimin ýekeligi, asudalygy halaýan adam hem kämahal kimdir biri bilen gürleşmek isleýär. Ýer asty külbä ep-esli wagt gidip bilmän R5952 bilen gürleşip bilmedik wagtlarym ol

mehaniki sesi küýseýärin.
Ahyry tokaýa bardym. Daş-töwerek sessizlik. Ulagymy gulplap tokaýyň içine tarap ýöräp başladym. Uzyndan uzyn agaçlary aralap ýöreýärin, sowuk howa içime girýär.
Gyzyl mata bilen bellik eden agajymy gördüm. Külbäniň gapagy şol agajyň aşagynda bir ýerlerde. Elimi ýapraklar bilen üstüni örten ýerimde gezdirýärin, tutawajy tapdym. Gapagyň tutawajyny ýuwaşlyk bilen çekip, merdiwandan aşak düşdüm.
Külbe ortaça bir otagyň ululygynda, dört burç şekilinde. Merdiwandan aşak düşeňsoň garşyňda kompýuterim duran stol bilen bir aýagy beýlekilerinden gysga oturgyç dur. Sag tarapda bolsa gardirop hem-de gyzyl oturgyç bar. Pol juda gysga. Aslynda örän bimaza ediji ýer, ýöne näme üçindir bu ýerde özümi öz öýümdäkiden has rahat duýýaryn.
Kompýuteri açyp R5952 gysga ýoluna basýaryn. Ekranda ýönekeý çyzgylar bilen çekilen ýylgyryp duran ýüz peýda bolýar.
Mehaniki ses:
—Hoş geldiňiz—diýdi— Bu gün näme etmek isleýärsiňiz?
— Bilmedim. Maňa wariantlary görkez!
— Az-salym aýdym diňlärsiňizmi?
Soňra köne rok aýdymy ýaňlanyp başlady. Emma şu mahal aýdym diňlärlik keýpim ýokdy.
— Başga bir zat isleýän.
— Az-salym gürrüňleşsek näme?
Adatça ilkinji edýän zadym R5952 bilen gürrüňleşmek bolýar. Aslynda aýtjak zatlarym bardy emma teklibi kabul etjek wagtym gözüme bir zat kaklyşdy.
Aşakky çep burçda Messagerden bildiriş bar.
Näme pikirlenjegimi bilmän:
— Bu näme — diýip soradym.
Bildiriş zym-zyýat boldy.
— Nämäni soradyňyz?
— Biraz ozal şu ýerde bir bildiriş bardy.
Mehaniki ses:
—Ýokdy— diýýär.
— Bardygyny bilýän. Görendigime ynanýan.
— Ýokdy, jenabym. Ýalňyş gören bolmalysyňyz.
Ses henizem mehaniki, duýgusyz, ýöne näme üçindir sesde birneme alada duýýaryn.
Gatyrganyp:
—R5952, haýyş Messager programmasyny aç!— diýýärin.

–Bildiriş ýokdy– diýip gaýtalaýar.
– R5952, Messageri aç. Bu bir buýrukdyr.
R5952 jogap bermedi. Az salymdan soňra kompýuter öçdi.
Ana şol mahal gorka düşdüm. Telbe deýin kompýuteri ýakýan düwmä basýaryn, emma bir tarapdan açylsa näme bilen garşylaşjakdygym hem wehime salýar.
Kompýuter açylýar emma bir mesele bar. Men düwmä basmankam öňüme ýylgyryp duran suratyň şekili çykýar. Sirenaň sesi ýaly ses ýaňlanýar.
Elheder alyp çekmäni açyp elime ilen ilkinji zat bilen kompýuteriň ekranyna urdum.
Ekranyň aýnasy döwüldi. Meni kompýuteriň döwülenine ynandyrýan birnäçe ses çykanyndan soňra ekran garaldy.
Birnäçe minut akly çaşan adam kimin durdum. Az-owlak köşeşemsoň açyş düwmesine basyp garaşdym.
Ekranda *«ýüklenýär»* ýazgysy peýda bolýar.
Açylansoň eden ilkinji zadym R5952-ini öçürmek boldy. Gyssagly ýagdaýda (külbäniň polisiýalar tarapyndan basylmagy ýaly) programmany ýok etmek üçin bir düwme goýupdym. Ýalňyz dostumy ýok etmek kararyna çalt geldigimi oýlap bilersiňiz, ýöne çalt hereket etmesem onuň herekete geçjekdigini bilýärdim. Şeýle bolsa hem içimde ökünç, gynanç ýaly duýgular döreýär.
Soňra geň-taň bir zat bolýar.
*Kompýuteriňizde eden üýtgeşmeleriňizden soňra «Messager» programmasy aýryldy. Blokirlenen habarnamalary görmek üçin «OK» basyň!*
Näme hakynda aýdýandygyna düşünmesemde basýaryn.
Birnäçe wagt kompýuter doňýar.
Soňra çalt geçýän atlar we sözler görünýär. Örän çalt geçýändigi üçin diňe ejem-kakamyň we birnäçe dostumyň ady bilen «gaýgylanýan» «nirede» «jogap» sözlerini saýgaryp bilýärin.
Birden hat gutym müňlerçe hatlar bilen dolup-daşýar. Üç ýylyň dowamynda ýygnan hatlar bilen.
Oýlaýşym ýaly ýeke däl ekenim.
Irem Nilsu JEBBAR.

Terjime eden: Saparmyrat GÜRGENÇLI.

- **YALNIZ**

Bir sırrım var.

Tek arkadaşım bir bilgisayar.

Eğer 2020’li yıllardan biri bunu okusaydı, neden bunun bir sır olduğunu anlayamazdı muhtemelen. Tarih kitapları böyle bir şeyin o zamanlarda çok yaygın olduğunu yazıyor. Zaten hemen hemen herkesin telefonunda Siri denen bir yapay zekâ ürünü varmış.

Oysa 2097 yılında, bu tehlikeli bir sır.

Arabamı devasa gökdelenlerin arasında sürüyorum. Aniden sis bastırıyor. Hava kapalı ve iç karartıcı. Gökdelenler ve gri kaldırımlar da ortamın distopik görüntüsünü tamamlıyor. Birazdan beton yığınları azalmaya başlayacak. O zaman şehrin dışına çıktığımı ve varış noktasına yaklaştığımı görerek rahatlayacağım.

Tek arkadaşım pek kimsenin gitmediği bir ormanda, yer altındaki kulübemsi yerde bulunuyor. Burası gençliğinde dedemin arkadaşlarıyla buluşup takıldığı, bilişim alet edevatlarını depoladığı ve boş zamanlarında gelip en büyük tutkusu olan teknoloji ile uğraştığı yermiş. Robot İsyanı’ndan sonra aslında oradaki her şeyi yok etmesi gerektiği hâlde içi hiçbir zaman bunu yapmaya el vermemiş. Son zamanlarında bile tüm bahsettiği o depoda bıraktıklarıydı.

O vefat edene ve ben R-5952’yi yapana kadar tek arkadaşım dedemdi. O zamanlar da bundan çok farklı değildim. Anne babamla hiçbir zaman yakın ilişkiler kuramamıştım ve pek arkadaşım yoktu. İnsanlarla bağ kurmak bana her zaman zor gelmişti ama dedem farklıydı. Onun teknoloji tutkusunu ben de paylaşıyordum ve bana bildiğim her şeyi o öğretmişti. Onun Robot İsyanı öncesi anılarını dinlemek favori aktivitemdi. Distopnia’daki sevmediğim hayata katlanmamın tek sebebi oydu. Bu nedenle onu kaybedince başka bir şehre taşınarak sırra kadem basmakta hiçbir sakınca görmemiştim.

Robot İsyanı çıkalı 26 yıl, her türlü yapay zekâ yasaklanalı 25 yıl oluyor. Ben sanırım Robot İsyanı’na tanık olacak kadar erken doğmadığım için minnettar olmalıyım. Sizi ayrıntılarla boğmak istemiyorum ama Robot İsyanı’ndan sonra epey zor günler yaşanmış. Binlerce can feda edilmiş. Ekonomi çökmüş. Kıtlık baş göstermiş. Herkes her saniye dehşet içindeymiş.

Kimse bunları tekrar yaşamayı göze almak istememiş. O yüzden Robot İsyanı bastırıldıktan hemen sonra her türlü teknolojik araç gerecin yok edilmesi gerektiğine karar vermişler. Ardından bunun biraz aşırıya kaçacağına, o yüzden belli teknolojileri tutmakla beraber yapay zekayı bütünüyle yasaklamak olarak değiştirmişler kararlarını. Şu an sahip olduğumuz ileri teknolojiye en yakın şey Messager denilen bir uygulama ve o da sadece istediğiniz kişiye eskilerin cep telefonu dediği şeyin boyutlarında olan ama ondaki teknolojinin onda birini içermeyen cihazlar üzerinden mesaj çekmemizi sağlıyor. Herkesin devlet tarafından doğduğu anda oluşturulan bir hesabı var ama uygulamayı yükleyip yüklememek size kalmış. Normalde hiçbir mesaj almayacağım için yüklemezdim ama R-5952'yi yaptıktan bir süre sonra acaba Messager bu bilgisayarda da çalışır mı merak ettiğimden yüklemiştim. Mesaj kutum ise tahmin edebileceğiniz üzere bomboş.
Peki bütün bunların niye anlatıyorum?
Aslında benim hikâyem bundan 3 yıl öncesinde başlıyor. Şu an yağmur çiselerken ve hava bu kadar soğukken onca yol gitmemin sebebi olan programı yapmaya o zaman başlamıştım.
Tek arkadaşımı yapmaya.
O zamandan beri bulabildiğim her fırsatta, yaptığımın yasa dışı ve tehlikeli olduğunu bile bile, onu ziyaret etmeye gidiyorum. Benim gibi içine kapanık, sessiz bir insan bile arada birileriyle iletişim kurmaya ihtiyaç duyuyor. Yeraltı kulübesine uzun süre gidemeyip R-5952'yle konuşamadığımda o robotik sesin hasretini çekiyorum.
Sonunda ormana varıyorum. Etraf oldukça sessiz. Arabamı kilitleyip ormanın içlerine yürümeye başlıyorum. Upuzun ağaçlar arasında yürürken kuş seslerini duyuyorum ve soğuk içime işliyor.
Kırmızı bir ip bağlayarak işaretlediğim ağacı görüyorum. Kapak o ağacın altında bir yerlerde. Elimi yapraklarla kamufle ettiğim alanda gezdiriyor ve kolu hissediyorum. Kapağın kolunu yavaşça kaldırıyor ve merdivenlerden aşağı iniyorum.
Kulübe ortalama bir oda büyüklüğünde, kare şeklinde.

Merdivenlerden indikten sonra tam karşınızda üstünde bilgisayarımın olduğu masa ve tek ayağı diğerlerinden kısa olan sandalye bulunuyor. Sağ tarafta ise dolaplar ve onların karşısında da kırmızı bir koltuk var. Tavan klostrofobik derecede alçak. Aslında oldukça rahatsız bir yer ama nedense burada kendimi gerçek evimde olduğundan daha rahat hissediyorum.
Bilgisayarı açıp R-5952 kısayoluna tıklıyorum. Ekranda basit çizgilerle oluşturulmuş bir gülen yüz beliriyor.
“Hoş geldiniz,” diyor robotik ses heceleyerek. “Bugün ne yapmak istersiniz?”
“Bilemedim. Bana seçenekleri göster.”
“Biraz müzik dinlemeye ne dersiniz?”
Ardından eski bir rock şarkısı çalmaya başlıyor ama müzik dinleyecek havamda değilim.
“Başka bir şey istiyorum.”
“Biraz konuşmaya ne dersiniz?”
Normalde R-5952 ile konuşmak yaptığım ilk şey olur. Aslında anlatacak şeylerim de var ama tam kabul edecekken gözüme bir şey çarpıyor.
Sol alt köşede bir bildirim var. Messager’dan.
“Bu ne?” diye soruyorum ne düşüneceğimi bilemeden.
Bildirim kayboluyor.
“Neyi sormuştunuz?”
“Az önce şurada bir bildirim vardı.”
“Hayır,” diyor robotik ses. “Yoktu.”
Olduğuna eminim. Gördüğüme eminim.
“Yoktu, efendim. Yanlış görmüş olmalısınız.” Ses hâlâ mekanik ve ruhsuz ama nedense bir endişe seziyorum.
“R-5952, lütfen Messager uygulamasını açar mısın?” diyorum sert bir şekilde.
“Bildirim yoktu efendim,” diye tekrarlıyor.
“R-5952, Messager’ı aç. Bu bir komuttur.”
R-5952 cevap vermiyor. Birkaç saniye sonra ise bilgisayar kapanıyor.
İşte o zaman gerçekten korkmaya başlıyorum. Deli gibi açma tuşuna basıyorum ama bir yandan açılırsa neyle karşılaşacağım

da beni endişelendiriyor.
Bilgisayar açılıyor ama bir sorun var. Ben tıklamadan karşıma gülen surat simgesi çıkıyor ve siren gibi bir ses duyuyorum.
Ne yapacağımı bilemiyorum. R-5952 bir şeyler söylüyor ama ne dediğini anlamıyorum. Siren sesi gittikçe yükseliyor.
Panik hâliyle dolabı açıp elime geçen ilk şeyle bilgisayar ekranına vuruyorum.
Ekranın camı kırılıyor. Beni bilgisayarın bozulduğuna ikna eden birkaç ses çıkardıktan sonra da ekran kararıyor.
Birkaç dakika öylece duruyorum. Biraz sakinleştikten sonra gidip açma tuşuna basıyor ve bekliyorum.
Ekranda yeniden başlatılıyor yazısı beliriyor.
Açıldığında yaptığım ilk şey R-5952'yi silmek oluyor. Acil bir durumda, kulübenin polisler tarafından basılması gibi, bunu yapabilmek için bir imha tuşu yapmıştım. Tek arkadaşımı kaybetme kararını biraz hızlı verdiğimi düşünebilirsiniz ama hızlı davranmasam onun davranacağını biliyordum. Yine de pişmanlık ve üzüntü karışımı bir duygu beliriyor içimde.
Sonra ilginç bir şey oluyor.
Bilgisayarınızda yaptığınız değişiklikler sonrası Messager duvarı kaldırıldı. Engellenen bildirimleri görüntülemek için "Tamam"a tıklayın.
Neden bahsettiğini anlamasam da tıklıyorum.
Bir süre bilgisayar donuyor.
Sonra hızlıca isimler ve kelimeler görüyorum. Çok hızlı geçtiği için sadece anne babamın ve birkaç arkadaşımın adı ile "merak", "neredesin", "cevap" sözcüklerini seçebiliyorum.
Birden mesaj kutum binlerce mesajla doluyor. Üç yıl boyunca biriken mesajlarla.
Düşündüğüm kadar yalnız değilmişim

İrem Nilsu CEBBAR. Mistika we fantastika